TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASYNYŇ
MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL WE EDEBIÝAT INSTITUTY

# TÜRKMEN DILINIŇ ORFOGRAFIK SÖZLÜGI

110 000 söz

**Gurbanguly Berdimuhamedowyň umumy redaksiýasy bilen**

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

**UOK 81.36(038)**
**T 90**

**T 90** **Türkmen diliniň orfografik sözlügi**. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

Düzüjiler: G.Kyýasowa, A.Geldimyradow, H.Durdyýew.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz türkmen edebi diliniň ösmegine ýakyndan howandarlyk edýär. Şol esasda Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň alymlary G.Kyýasowa, A.Geldimyradow, H.Durdyýew tarapyndan taýýarlanan 110 müňden gowrak türkmen dilinde ulanylýan ýörgünli sözleri öz içine alýan “Türkmen diliniň orfografik sözlügi” hem şol tagallalaryň miwesidir. “Türkmen diliniň orfografik sözlügi” ene dilimizdäki sözleriň dürs ýazuw düzgünlerini görkezýän gollanma bolmak bilen, onda häzirki zaman türkmen edebi diliniň sözlük düzümindäki sözler bilen bir hatarda, durmuşyň dürli ugurlaryna degişli adalgalar, kesp-kär aňladýan sözler, türkmen halk döredijiliginde, nusgawy edebiýatda we şu günki güne çenli dilimizde işjeň ulanylýan sözleriň baý gatlagy öz şöhlelenmesini tapdy. Orfografik sözlüge asyl we düýp sözler, işlikler, sypatlar we olaryň derejeleri, dürli ýasaýjy goşulmalar arkaly ýasalýan sözler, adalgalar saýlanyp alyndy.

Sözlügiň ýazuw düzgünleri, esasan, Türkmenistanyň II lingwistik gurultaýynyň orfografiýa baradaky kararlaryna daýanýar. Türkmen diliniň dürs ýazuw kada-kanunlarynda kynçylyk döredýän ýörelgeleri kämilleşdirmek maksady bilen, dilçi alymlar özleriniň täze redaksiýada işlän, kämilleşdiren orfografik düzgünleriniň aýratynlyklaryny hem ösýän döwrüň talaplaryna laýyklykda hasaba aldylar we sözlükde beýan etdiler.

Sözlük türkmen dilini öwrenýänlere, ylmy jemgyýetçilige, döredijilik işgärlerine, türküşynaslara, orta, ýörite hem ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna we talyplaryna hem-de mekdep okuwçylaryna, şeýle-de giň okyjylar köpçüligine niýetlenýär.

TDKP № 36, 2016 KBK 81.2(Tü)-4

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň
Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat instituty, 2016.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## DILDE HALKYŇ RUHY ÝAŞAÝAR

**Mähriban okyjylar!**

Türkmen halky dünýäniň iň gadymy halklarynyň biridir. Şonuň üçin hem türkmen dili merdana halkymyzyň köp asyrlyk, baý we şahyrana dünýäsini özünde jemleýär. Dürli öwüşginlere baý bolan ene dilimiz halkymyzyň milli özboluşlylygyny, şöhratly taryhyny we arzuw-umytlaryny inçeligi bilen beýan edýär. Şoňa görä-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň Esasy Kanuny, buýsançly Baýdagy, owadan Tugrasy ýaly, mähriban halkymyzyň dili hem bahasyna ýetip bolmajak hazynamyzdyr.

Türkmen alymlarynyň sözlük düzmek tejribesi öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Meşhur dilçi alym Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwani lugat at-türk», «Türki dilleriň gadymy sözlügi» ýaly düýpli ylmy işlerde türki halklaryň dilleriniň arasynda türkmen diliniň aýratyn ornunyň bardygyny aýdyň görmek bolýar. Gadymy sözlüklerde jemlenen gymmatly maglumatlar diňe bir Gündogarda we türki dünýäsinde belli bolmak bilen çäklenmän, eýsem Ýer ýüzüniň ylmy jemgyýetçiliginiň arasynda hem giňden mälimdir. Türkmen diliniň baýlygyny özünde jemleýän häzirki zaman sözlükleri şol ylmy ýörelgäniň dowamy hökmünde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe mähriban halkymyza ajaýyp sowgatdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen halkynyň medeniýetiniň, ylmynyň, halk hojalygynyň ösmegi, halkara hyzmatdaşlygynyň giňelmegi, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagy netijesinde türkmen diliniň sözlük gory hem has baýlaşdy.

Şonuň esasynda dilimiziň sözlük düzüminde köp sanly täze sözler, adalgalar we aňlatmalar peýda boldy. Birnäçe sözler täze öwüşgine eýe bolup, türkmen dilinde işjeň ulanylýan sözleriň özboluşly toparyny emele getirdi. Munuň özi dürli sözlükleri düzmek işinde dilimiziň özboluşlylygyny göz öňünde tutýan kadalaryň döremegine mümkinçilik berdi.

Häzirki döwürde Berkarar döwletimizde ylym ulgamyny kämilleşdirmek, türkmen diliniň ýazuw ýadygärliklerini we dünýä meşhur dilçi hem-de sözlükçi alymlaryň ylmy mirasyny çuňňur öwrenmek asylly däbe öwrüldi. Halkymyzyň köp asyrlaryň dowamynda döreden milli gymmatlyklaryny dikeltmekde we medeniýetimizi baýlaşdyrmakda, gadymy we orta asyrlaryň ýazuw çeşmelerini, dilini, edebiýatyny, ylmyny öwrenmekde hem-de olaryň adamzat bähbitli çuň many-mazmunyny dünýä ýaýmakda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Çagalar baglaryndan başlap, orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýaş nesillerimize ene dilimizi düýpli öwretmek, ylmy edaralarda türkmen dilini hemmetaraplaýyn öwrenmek boýunça köp işler edilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen alymlarynyň taýýarlan baý mazmunly sözlükleriniň ähmiýeti hem örän uludyr. Göwünlere ganat berýän ene dilimizde ýazylan şu sözlükler Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ajaýyp miweleriniň biridir. Halkymyzyň pähim-parasadyndan, durmuş tejribesinden kemala gelen çuň manyly we öwüşginli sözler täze sözlüklerde jemlendi. Hut şonuň üçin hem, türkmen dilindäki sözlükler türki dilli halklar, türkmen dilini öwrenýän, dilleri deňeşdirip we degşirip ylmy iş ýazýan alymlar üçin hem gymmatly çeşmä öwrüldi. Ene dilimiziň dürdäne serişdeleri ulanylyp düzülen sözlükler türkmen dil biliminiň ýeten derejesiniň ýene-de bir aýdyň subutnamasy boldy.

Häzirki döwürde Garaşsyz Watanymyzda ene dilimiziň ähli gözelliklerini we öwüşginlerini düýpli öwrenmek, aýawly saklamak hem-de nesilden-nesle geçirmek üçin ähli mümkinçilikler döredildi.

Men halkymyzyň jebisligini milli bitewüligimizde, dilimiziň arassalygynda, aňladyjylyk ukybynyň çäksizliginde görýärin. Diliň we edebiýatyň hakyky eýesi halkdyr.

Şoňa görä-de Türkmenistanyň Esasy Kanunynda: «Türkmen dili Türkmenistanyň döwlet dilidir» diýlip, beýan edildi. Häzirki döwürde edebi ýadygärliklerimiz, milli medeniýetimiz hem-de nusgalyk ruhy gymmatlyklarymyz bilen mähriban halkymyzy, dünýä jemgyýetçiligini ýakyndan tanyşdyrmak maksady bilen, ene dilimizde çap edilýän «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» ýaly ajaýyp eserlerimiz, nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň şygyrlar diwany, dürli ugra degişli sözlüklerimiz gadymy türkmen topragynyň hem-de türkmen diliniň ajaýyplygyny we örän baýdygyny bütin dünýä açyp görkezýär.

**Hormatly okyjylar!**

Türkmen halky Oguzhan döwründen başlap, ýazuw ýadygärliklerini, aýry-aýry döwürleriň egsilmez dil baýlyklaryny özünde jemleýän sözlükleri we kitaplary uly gymmatlyk hasaplaýar. Meşhur alymlaryň, söz ussatlarynyň ylham-zehininden kemala gelen ylmy-filosofik eserler, şygyr diwanlary, şanly geçmişden söhbet açýan taryhy we edebi çeşmeler, ene dilimiziň özboluşly öwüşginlerini özünde jemleýän sözlükler her bir ynsan üçin tapylgysyz baýlykdyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe häzirki zaman türkmen diliniň döwrebap, kämil ösüşini, baý sözlük goruny, owazlylygyny, many taýdan goýazylygyny, dürs ýazuw we dürs aýdylyş kadalaryny öz içine alýan bu sözlükleriň halkymyza uzak ýyllaryň dowamynda hyzmat etjekdigine pugta ynanýaryn.

Goý, şeýle sözlükleriň höwri köp bolsun!

**Türkmenistanyň**
**Prezidenti**



**Gurbanguly**
**Berdimuhamedow**

## S Ö Z B A Ş Y

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda "Türkmen diliniň orfografik sözlüginiň" sözlük düzmekligiň dünýä tejribesinde ykrar edilen ýörelgelere daýanylyp, täzeden düzülmegine we neşire taýýarlanmagyna badalga berildi. Türkmen edebi diliniň ýazuw düzgünleriniň berjaý edilmeginde orfografik sözlügiň halk üçin ähmiýeti uludyr. Sözlükde edebi ýazuw dili bilen edebi sözleýiş diliniň özara ýakyn baglanyşyklydygyna sözlüge girizilen mysallaryň esasynda göz ýetirmek bolýar.

Sözlükde esaslanylan ýazuw düzgünlerinde, esasan, Türkmenistanyň II lingwistik gurultaýynyň orfografiýa, adalgaşynaslyk baradaky hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň täze elipbiý we onuň ýazuw düzgünleri hakyndaky kararlaryndan ugur alyndy. Türkmen diliniň dürs ýazuw kada-kanunlarynda kynçylyk döredýän meseleleri kämilleşdirmek maksady bilen, dilçi alymlar döwrüň synagyndan geçen we onuň talaplaryna laýyk orfografik düzgünleriniň birnäçesini hasaba aldylar.

Sözlüge esas edilip 1962-nji ýylda çykarylan "Türkmen diliniň orfografik sözlügi" (sözlügi düzenler: P.Azymow, J.Amansaryýew, H.Baýlyýew, M.Gasanowa, A.Gurbanow, G.Saryýew, G.Sopyýew, Ý.Çöňňäýew, A.Seýidow), 1963-nji ýylda neşir edilen "Türkmen diliniň orfografik sözlügi" (sözlügi düzenler: M.Hamzaýew, S.Altaýew, G.Ataýew, G.Açylowa, G.Gulmanow, W.Mesgudow, A.Meretgeldiýew), 1989-njy ýylda çapdan çykan "Türkmen diliniň orfografik sözlügi" (sözlügi düzenler: P.Azymow, B.Çaryýarow) ýaly neşirler alyndy.

Neşir edilen orfografik sözlükleri düzmegiň tejribesinden peýdalanmak bilen birlikde, sözlükdäki sözler gazet-žurnallardan, türkmençe-rusça, rusça-türkmençe düşündirişli we aýry-aýry kesp-kär, hünär bilen baglanyşykly sözlüklerden hem-de dürli edebiýatlardan toplanyldy. Ondan başga-da, bu sözlügiň öňki sözlüklerden birnäçe aýratynlyklary bar: orfografik sözlügiň düzüliş ýörelgelerini häzirki zamanyň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek bilen, oňa käbir üýtgeşmeler girizildi. Asyl we ýasama sözleriň mukdary, öňki sözlüklerdäkä garanda köpeldildi, ylmy-tehniki we innowasiýa tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy hem-de halkara ylmy gatnaşyklarynyň ýygjamlaşmagy netijesinde, türkmen diliniň sözlük düzümine Garaşsyzlyk ýyllary içinde dilimize ornaşan täze sözler, adalgalar hem girizildi. Ýazylyşynda kynçylyk döredýän sözler sözlükde mümkingadar öz şöhlelenmesini tapdy.

"Türkmen diliniň orfografik sözlügine", esasan, häzirki zaman türkmen edebi dilinde ýörgünli ulanylýan sözler girizildi we halk döredijiliginiň dürdänelerinde, nusgawy edebiýatymyzyň dilinde, türkmen diliniň ýerli gepleşiklerinde bar bolan hem-de çeper edebiýatda, döwürleýin metbugatda işjeň peýdalanylýan aglaba sözler

sözlüge alyndy. Sözlükde hormatly Prezidentimiziň ylmy işlerinde, taryhy romanlarynda we akademiki neşirlerinde ulanylan türkmen diliniň baý, täsirli, şahyrana sözleri öz beýanyny tapdy. Ylma, tehnika, innowasiýa tehnologiýasyna degişli adalgalaryň okuw kitaplarynda we döwürleýin metbugatda köp ulanylýanlary hem-de giň okyjylar köpçüligi tarapyndan ykrar edilenleri sözlüge girizildi.

Orfografik sözlük özüniň aýratynlygyna we ýerine ýetirýän hyzmatyna laýyklykda, ol sözleriň diňe dürs ýazylyşyny görkezýär. Sözleriň ulanylyş kadalary, olaryň aňladýan manylary hem-de grammatik gurluşy we beýleki aýratynlyklary bu sözlükde berilmeýär.

Türkmen edebi diliniň sözleriniň ýazylyş kadalaryny beýan edýän belli bir gollanmanyň gerekdigi, aýry-aýry sözleriň nähili ýazylýandygy, käbir orfografik kadalaryň takyklanmagynyň zerurdygy, türkmen milli elipbiýiniň kabul edilmegi bilen dürs ýazuw kadalarynda ýüze çykan meseleleri görkezmegiň gerekdigi, şu derwaýyslyklar esasynda orfografik sözlügi neşir etmegiň wajypdygy ýaly meseleler hakynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutyna birnäçe ýyllaryň dowamynda köp sanly hatlar gelip gowuşdy. Institutyň dilçi alymlary we şu sözlügiň düzüjileri gelen hatlary seljerip, olarda gozgalýan ene dilimiziň içki kada-kanunlaryna degişli meseleleri öwrendiler hem-de olaryň çözgütlerini mümkingadar göz öňünde tutmaga çalyşdylar.

Sözlük türkmen dilini öwrenýänlere, ylmy jemgyýetçilige, döredijilik işgärlerine, türküşynaslara, orta, ýörite hem ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna we talyplaryna hem-de mekdep okuwçylaryna, şeýle-de giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň dilçi-sözlükçi alymlarynyň taýýarlan “Türkmen diliniň orfografik sözlügi” häzirki zaman türkmen edebi diliniň şu günki ýagdaýyny açyp görkezmek bilen, ol jemgyýetimiziň häzirki ösüşini hem şöhlelendirýär. Döwürleriň özgermegi bilen, her bir diliň sözlük düzüminde hem belli bir derejede ösüşleriň bolýandygy tebigy hadysadyr. Şoňa görä-de türkmen edebi dilini emele getirýän baý gatlaga ornaşyp ýetişmedik sözleriň käbiriniň sözlükde özbaşdak söz hökmünde ýerleşdirilmedik bolmagy mümkin. Olar ýaly säwlikler üçin okyjylarymyzdan ötünç sorap, uly göwrümli orfografik sözlügiň indiki neşirlerinde üsti ýetirilip duruljakdygyny olara ýatladýarys.

Sözlük baradaky pikirleriňizi, teklipleriňizi şu salgy boýunça ibermegiňizi haýyş edýäris: 744000, Aşgabat şäheri, Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 15-nji jaýy, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat instituty.

**Magtymguly adyndaky**
**Dil we edebiýat instituty**

## SÖZLÜGIŇ DÜZÜLIŞI BARADA

1. Sözler başdan-aýak türkmen milli elipbiýiniň tertibinde berildi. Gerekli sözleri tapmak üçin, olary elipbiý tertibinden gözlemeli. Sözleriň haýsy söz toparyna degişlidigi ýörite belgi bilen görkezilmedi.

2. Orfografik sözlükde nusgawy edebiýatda ulanylan, emma häzirki döwürde many taýdan düşünmesi kyn bolan käbir sözleriň yzyndan ýaý içinde köne diýlip görkezilýär ýa-da olaryň manysy berilýär.

M e s e l e m: *adak (aýak), asy (günä), berre (guzy), binowa (garyp)* we ş. m.

3. Atlar baş düşümde, birlik sanda berilýär. Etnik toparyň adyny aňladýan sözler köplük san görnüşinde alyndy.

M e s e l e m: *albanlar, iňlisler, owganlar, türkler, özbekler, türkmenler, gazaklar, ermeniler, koreýler* we ş.m.

4. Sözlükde sözleriň türkmen edebi dilindäki nusgada ýazylyşy berilýär. Şonuň ýaly-da dile ornaşan käbir sözleriň iki hili görnüşde ýazylyşy edebi diliň kadasy hökmünde görkezilýär.

M e s e l e m: *motosikl we motosiklet, eýse* we *eýsem, nol* we *nul, dogruda* we *dogrusynda, hakda* we *hakynda, eken* we *ekeni* hem-de ş.m.

5. Käbir isimleriň ýazylyşy işligiň nämälim şekiline gabat gelýän ýagdaýlarynda, olaryň goşulma kabul edişlerinde we başga-da käbir hususy aýratynlyklarynyň barlygy sebäpli, olaryň ikisi-de sözlükde berildi.

M e s e l e m: *gaýmak, gaýmajyk, -gy; gaýmak; oýmak, oýmajyk, -gy; oýmak; akmak, akmajyk, -gy; akmak; çakmak, çakmajyk, -gy; çakmak; süýnmek, süýnmejik, -gi; süýnmek; üýşmek, üýşmejik, -gi; üýşmek; çogmak, çogmajyk, -gy; çogmak* we ş.m.

6. Omonimleriň we omograflaryň ýazylyşy meňzeş bolany üçin, olaryň many aýratynlyklary görkezilmeýär. Ýöne şu hili sözlerde çekimli sesleriň uzyn ýa gysga aýdylyşy bilen baglylykda dar çekimlileriň düşüp galyşy we dymyk çekimsizleriň açyga öwrülişi görkezilip, olaryň her biri aýratyn söz hökmünde berilýär.

M e s e l e m: *galyş, -lşy, galyş; at, -dy, at; ot, -dy, ot; sap, -brak, sap; ýaýylmak (ýaýlar), ýaýylmak; saç, -jy, saç* we ş.m.

7. Dymyk **k, p t, ç** sesleriniň açyk **g, b, d, j** seslerine öwrülişi degişli sözden soň otur we defis goýlup, iň soňky dymyk sesiniň yzyndan çekimli ýa-da ***-rak/ -räk*** goşulmasy getirilip görkezildi.

M e s e l e m: *balyk, -gy, erik, -gi, jorap, -by, mekdep, -bi, bulut, -dy, çigit, -di, agaç, -jy, rahat, -drak, gök, -gräk* we ş.m.

Asyl ýa-da düýp işlikleriň soňundaky dymyk sesleriň açyga öwrülişi dymyk çekimsiziň öňünden dik çyzyk goýlup, yzyndan ters oturdan soň defis goýlup, açyga öwrülýän ses görkezildi.

M e s e l e m: *akla/t,-dar, barla/t,-dar; -dýar, oka/t,-dar; -dýar, sazla/t,-dar; -dýar* we ş.m.

Işlikleriň nämälim görnüşi barlygynda (*almak*, *okamak*, *gelmek*, *getirmek*) we ýoklugynda (*almazlyk, okamazlyk, gelmezlik, getirmezlik*) berildi. Goşulmanyň soňundaky **k** sesiniň, umumy kada görä, hemişe açyga öwrülýändigi hem şöhlelendirildi.

8. Dar çekimlileriň düşüp galyşy şol sözüň yzyndan defis we otur goýlup, düşýän çekimliniň öňündäki ýa-da yzyndaky çekimsiz sesleri ýanaşyk ulanmak hem-de olaryň yzyna goşulýan goşulmany getirmek bilen berildi.

M e s e l e m: *al/yn-, -nyp; -nar, -nyş; ýyg/yl-, -lyp; -lar, -lyş* we ş.m.

Işliklerde dar çekimlileriň düşüp galyşy şol sözleri nämälim geljek zaman görnüşinde getirip görkezildi.

M e s e l e m: *alyn-mak,-nar; geýin-mek, -ner; görün-mek, -er; beril-mek, -ler; görüş-mek, -şer* we ş.m.

9. Soňy **k** sesine gutaran sözlere ***-jyk/ -jik, -jak/ -jek*** ýaly goşulmalar goşulanda, söz soňundaky **k** sesiniň düşüp galyşy we goşulmanyň soňundaky dymyk sesiň (**k**) açyga öwrülişi (**g**) aşakdaky ýaly mysallarda gözkezildi: *aýa/k, aýa-jyk , -gy; owla/k, owla-jyk, -gy; ele/k, ele-jik, -gi; keýi/k, keýi-jek, -gi* we ş.m.

10. Soňy **ý** bilen gutaran halkara sözlerine goşulma goşulanda, şu harpyň düşüp galyşy onuň öňündäki sesden soň goşulma goşulyp görkezildi.

M e s e l e m: *gerbari/ý,-ä,-niň,-ni,-de; ssenari/ý, -ä, -niň, -ni, -de* we ş.m.

11. Sözlükde türkmen dilinde basym, köplenç, sözüň soňky bognuna düşýändigi üçin, basym belgisi goýulmady. Halkara sözleri türkmen diliniň içki fonetik kanunalaýyklygyna görä berildi.

M e s e l e m: *awangard, abzas, klimat, termos, sement, sentner* we ş.m.

Halkara alynma sözlerindäki **ë (ýo)** harpy hem aýdylyşyny, hem basymyň ornuny görkezýänligi sebäpli, şol sözleriň üstünde basym belgisi goýulmady.

M e s e l e m: *montýor, režissýor, minomýot, pulemýot* we ş.m.

12. Aýratynlykda ulanylmaýan käbir sözler ilki asyl görnüşlerinde berlip, soňra esasy sözüň yzyndan iki nokat goýlup, düzümli söz hökmünde ulanylyşy görkezildi.

M e s e l e m: *güpbe: güpbe basmak, mat: mat bolmak, ompa:ompa oturtmak, sem: sem bolmak, ürç: ürç etmek, ät: ät galmak // goýmak, myssa:*

*myssa ýylgyrmak, mekge: mekgesine münmek, eňk: eňki agmak, ebt: ebtiňi agdyrmak // ykdyrmak* we ş.m.

13. Asyl, sada, goşma, tirkeş, ýasama hem-de alynma sypatlaryň hemmesi diýen ýaly sözlüge girizildi.

M e s e l e m: *ak/, -grak, gök/, -gräk, süýji/, -räk, turşy/, -rak, gaharjaň/, -rak, näzik/, -gräk, gorkak/, -grak, başarjaň/, -rak, ikiýüzli/-räk, elgarama/, -rak* we ş.m.

14. Halkara we käbir beýleki sypatlar ulanylyşy ýaly berildi.

M e s e l e m: *awtomatik, agitasiýa, dokumental, filologik, etimologik, orfografik* we ş.m.

15. Sypat derejeleri sözlükde, esasan, aýratyn söz görnüşinde berildi.

M e s e l e m: *ap-ak, -grak, göm-gök, -gräk, süp-süýji, tes-tegelek, -gräk, täp-täze, gögümtil, süýjümtik, -gräk, turşurak, darajyk, täzeje, gowuja* we ş.m.

16. Sanlardan, esasan, mukdar (birlikler, onluklar), tertip we takmyn sanlar alyndy. Tertip sanlaryň yzyndan olaryň san belgisi bilen ýazylyşy görkezildi.

M e s e l e m: *bir, iki, on, ýigrimi, elli, segsen, ýüz; ýüzläp, ýüzlerçe, bäş-alty, on üç-on dört, -di, iki-ýeke, on-on bäş; ikinji (2-nji), altynjy (6-njy), onunjy (10-njy), altmyşynjy (60-njy)*.

17. Dereje goşulmalary bir gezek goşulan, ýagny bir derejäniň goşulmasyny kabul eden işlikler doly alyndy.

M e s e l e m: *gurunmak, gurulmak, guruşmak, gurdurmak, görünmek, görülmek, görüşmek, gördürmek, kesinmek, kesilmek, kesişmek, kesdirmek* we ş.m.

Käte iki, seýregräk üç derejäniň goşulmasyny kabul eden we edebi dilde ýörgünli ulanylýan işlikler hem sözlükde berildi.

M e s e l e m: *ýazylyşmak, aldyrtmak, barlatdyrmak, dograşdyrylmak, okatdyrylmak* we ş.m.

18. Sözlükde iş atlarynyň, esasan, düýp işliklerden ýasalyşyny görkezmek bilen çäklenildi.

M e s e l e m: *işleý/iş, -şi, işlemekli/k, -gi; ýerleý/iş, -şi, ýerlemekli/k, -gi, -ge; ýykmakly/k, -gy; parlaý/yş, -şy, parlamakly/k, -gy; üweý/iş, - şi* we ş.m.

19. Sözlükde dürli görnüşli ýasama işlikler özbaşdak söz hökmünde berildi.

M e s e l e m: *depgilem/e/k, -äge, -gi; depelem/e/k, -äge, -gi; saýgylama/k, -ga, -gy; seçelem/e/k/, -äge, -gi; gezmelem/e/k, -äge, -gi; garanjaklama/k, -ga, -gy* we ş.m.

20. Sözlükde *git-, et-, seret-, eret-, döret-, elet-, okat-, gowurt-, sowurt-* ýaly işlikler **-mak/ -mek** goşulmasyz düýp derejede berildi.

M e s e l e m: *aý/t-, -dýar, -dar; aýtma/k, -ga, -gy; gaý/t-, -dýar, -dar; gaýtma/k, -ga,-gy; git-, -dýär, -der; gitm/e/k, -äge,-gi; e/t, -dýär, -der* we ş.m.

21. **Döre-, ele-, dile-** ýaly asyl işlikleriň, **gözle-, sözle-, diňle-** ýaly ýasama işlikleriň **e** çekimlisine gutaranlaryň yzyndan käbir goşulmalar goşulanda, düýp sözüň ahyryndaky **e** çekimlisiniň **ä** sesine geçişi sözlükde görkezildi.

M e s e l e m: *dör/e-, -äp -är; dörem/e/k, -äge, -gi; el/e-, -äp, -är; elem/e/k-, -äge,-gi; dil/e-, -äp, -är; diňlem/e/k, -äge,-gi; gözl/e-, -äp, -är; gözlem/e/k, -äge,-gi; sözl/e, -äp, -är; sözlem/e/k -äge, -gi; diňl/e, -äp, -är* we ş. m.

22. Ahyrlary **e** sesine gutaran asyl sözlere eýelik, ýöneliş, ýeňiş düşümleriniň we birinji, ikinji şahsyň birlik hem-de köplük sandaky goşulmalary goşulanda, sözüň soňundaky **e** çekimlisiniň **ä** sesine geçirilip ýazylýandygy sözlükde görkezildi.

M e s e l e m: *göl/e, -ä; döl/e, -ä; kell/e, -ä; käs/e, -ä; küm/e, -ä; kürt/e, -ä* we ş.m.

23. Ahyrlary **i** sesine gutarýan sözler ýöneliş düşümiň goşulmasyny kabul edende, söz ahyryndaky **i** sesiniň **ä** sesine geçýändigi sözlükde görkezildi.

M e s e l e m: *geç/i, -ä; nebitç/i, -ä; sülç/i, -ä; ilç/i, -ä; pit/i, -ä; perz/i, -ä; päk/i, -ä* we ş.m.

24. Ahyrlary **y** sesine gutaran sözler ýöneliş düşümiň goşulmasyny kabul edende, söz ahyryndaky **y** sesiniň **a** sesine geçýändigi sözlükde görkezildi.

M e s e l e m: *tut/y, -a; gut/y, -a; sok/y, -a; tokl/y, -a; potratçy, -a; sözbaş/y, -a* we ş.m.

25. ***Bilmek, bermek*** ýaly kömekçi işlikler bilen goşulyp ýazylýan we esasy sözüň soňundaky **-p** hal işlik goşulmasynyň düşüp galýan goşma işliklerinden diňe fonetik özgerişlere sezewar bolanlary sözlüge alyndy.

M e s e l e m: *bolubilmek, bolubermek, görübilmek, görübermek, durubilmek, durubermek, urşubilmek, urşubermek, düşübilmek, düşübermek, üzübilmek, üzübermek, geýnibilmek, geýnibermek, işläbilmek, işläbermek* we ş.m.

26. Ortak işliklik häsiýetini ýitirip, başga söz toparlaryna geçen az sanly sözler alyndy.

M e s e l e m: *ýatagan, gezegen* we ş.m.

27. Ylmyň, tehnikanyň, innowasiýa tehnologiýasynyň, tebigatyň, oba hojalygynyň, lukmançylygyň we medeniýetiň dürli ugurlaryna degişli käbir sözler okyjylaryň belli bir toparyna düşnüksizdir diýlip hasap edilen ýagdaýynda, olaryň degişli ugry ýa-da aňladýan manysy kähalatlarda ýaý içinde görkezildi.

M e s e l e m: *binom (mat.), şatereň (bot.), gers (fiz.), galliý (him.)* we ş.m.

28. Sözlükde şol bir sözüň ulanylyş taýlarynyň arasynda hem manysy, hem aýdylyşy taýdan aýratynlyk duýlan ýagdaýynda, olaryň her haýsy özbaşdak söz hökmünde berildi.

M e s e l e m: *ownuja/k, -gy, owunja/k, -gy, ogruly/k, -gy, ogurly/k, -gy* we ş.m.

29. Sözlüge söz ýasaýjylyk hyzmatyny ýerine ýetirýän goşulmalary kabul eden sözler alyndy.

M e s e l e m: *aslynda, entegräkden, ýagtygözinden, ertirine, gündizine, öwezine, aýlarça, aklar, tersine, ozallar* we ş.m.

30. Çalyşmalaryň hemme görnüşleri baş düşümde alyndy.

M e s e l e m: *men, sen, biz, ol, olar, haçan, kim, näme, hemme, ähli, bu, şu, ynha, hiç, pylany, öz* we ş.m.

31. Asyl we ýasama (sada, goşma, tirkeş) hallar sözlüge girizildi.

M e s e l e m: *agşam, ýassyn, giç, tiz, heniz, derrew, çala, hemişe, ertesi, rusça, gahrymanlarça, köpçülikleýin, ýatyrlaýyn, ýüzleý, günin, üsti-üstüne, birwagtlar, ikindinara, aram-aram, pert-pert, hasyr-husur, ertir-agşam* we ş.m.

32. Sözsoňy kömekçileriň (***bilen, ýaly, üçin, hakda, hakynda, boýunça, bäri, soň, çenli, görä***) we aýratyn leksik birlik şekilindäki baglaýjylaryň (***we, hem, emma, weli, welin, ýöne, ýogsam, ýa, kä)*** hem-de modal sözleriň ***(ýeri, belki, elbetde, ähtimal, meger, mümkin, gerek, edil, diňe, ine, ylaýta-da, hawa, ýok, däl, hökman, garaz***) her biri aýratyn söz görnüşinde sözlüge alyndy.

33. Söz görnüşindäki ümlükler sözlüge girizildi.

M e s e l e m: *be, wah, eý, ahaw, ýit, wiý, elhepus, päh* we ş.m.

34. Ses hem şekil aňladýan asyl we tirkeş sözleriň edebi dilde ýörgünli ulanylýanlary sözlüge alyndy.

M e s e l e m: *düňk, şark, tabyrt, titir-titir, loňk-loňk, ýaldyr-ýuldur, tark-turk, hümi-sümi, bazzyk-buzzuk* we ş.m.

35. Dilde käbir sözler has at ýa-da öz hakyky manysynda jyns at görnüşinde ulanylýar. Şolaryň jyns at manysynda gelýänleri sözlüge girizildi.

M e s e l e m: *aýna, baýram, gerek, gülälek, döwlet, jeren, jahan, pälwan, çeper, çerkez* we ş.m.

## TÜRKMEN EDEBI DILINIŇ ESASY ORFOGRAFIK KADALARY

### I. Aýry-aýry harplaryň ýazuwda ulanylyşy

1. **A-a** harpy uzyn aýdylýan **a**:* sesine (a:ý, a:bat, ça:ý) we gysga **a** sesine derek (*tagma, açyk, takyr*) ulanylýar.

2. **B-b** harpy sözüň başynda we sözüň ortasynda zarply dymyk **p** sesinden soň gelende, zarply **b** sesine derek (*bal, bir, kepbe, gupba*), başga ýagdaýlarda süýkeş **b** (β) sesine derek (*sabyn, gabyk, gaba, sebet, gurbaga, bilbil*) ulanylýar. **B** harpy alynma sözlerden (*romb, drob, leb*) başga sözleriň soňunda ýazylmaýar.

3. **Ç, Ş** harplary sözüň hemme ýerinde ýazylýar.

M e s e l e m: *çaý, çekiç, arça, şaly, şeker, bagşy, aş, gyş* we ş.m.

4. **D-d** harpy türkmen sözlerinde sözüň başynda we ortasynda eşidilen ýerinde ýazylyp, sözüň soňunda ýazylmaýar, halkara sözlerinde bolsa sözüň soňunda hem ýazylýar. M e s e l e m: *dag, adam, bedre, zawod, Madrid* we ş.m.

5. **E-e** harpy türkmen dilinde sözüň hemme ýerinde ýazylýar.

M e s e l e m: *ekin, edep, eje, ene, eneke, begenç, beýik, göle, dere* we ş.m.

6. **Ä-ä** harpy uzyn aýdylýan **ä**: (*bä:ş, mä:ş, bä:ri, gä:mik, dä:ne, dä:ri, mä:lim, şä:nik*) we gysga aýdylýan **ä** (*äkitmek, jähek, bähbit, mähir, zähmet, şäher*) seslerini bermek üçin ulanylýar.

7. **F-f** harpy sözüň hemme ýerinde gelip bilýär.

M e s e l e m: *Fizuly, futbol, fabrik, üflemek, tüf, žiraf* we ş.m.

8. **G-g** harpy dört sany ses üçin ulanylýar:

a) yzky kentlewük zarply **g** sesi üçin: *gara, goýy, guzy, tokga* we ş.m.

b) ortaky kentlewük zarply **g** sesi üçin: *göz, geýim, geçi* we ş.m.

ç) yzky kentlewük süýkeş **g (ᵞ)** sesi üçin: *agyr, çaga, aga, tyg, bag, dag* we ş.m.

d) ortaky kentlewük süýkeş **g (ɤ)** sesi üçin: *ýegen, düzgün, özge, çigit, degirmen, beg, çig* we ş.m.

---

* Uzyn çekimliler obýekt bolup gelenlerinde, uzynlyk belgisi iki nokat bilen aňladylýar.

9. **H-h** harpy damakda emele gelýän (*habar, haýwan, hekaýa, hemişe*) **h** we yzky kentlewük (*wah, ahmyr, parh, nyrh*) **h** seslerine derek ulanylýar.

10. **I-i** harpy uzyn (*di:ş, mi:we, i:ge, ni:re*) we gysga (*dil, pikir, kitap, iki*) **i** seslerine derek ulanylýar. Sözüň soňunda uzyn aýdylýan **i** sesi **ý** harpy bilen ýazylýar: *iý, diý*. Türkmen sözlerinde bularyň yzyna goşulma goşulanda hem **ý** harpy düşürilmän ýazylýar: *iým, diýmek* we ş.m.

11. **J-j** harpy sözüň başynda we ortasynda ýazylyp, sözüň soňunda ulanylmaýar: *jaý, jedel, jorap, eje, ajy, monjuk*. Ol käbir alynma sözleriň soňunda hem ýazylýar: *kottej, kollej* we ş.m.

12. **Ž-ž** harpy sözüň eşidilen ýerinde ýazylýar: *žanr, žurnal, hažžyk, aždarha, režissýor, reportaž* we ş.m.

13. **K-k** harpy ortaky kentlewük **k** sesine (*kümüş, ýüpek, ekiş, erik*) we yzky kentlewük **k** sesine (*kagyz, kaka, ak, gatyk, tokaý, bakja*) derek ýazylýar.

14. **L, M, N** harplary sözüň hemme ýerinde gelip bilýär.

M e s e l e m: *laçyn, alma, el, mama, adam, nagyş, ene, men, sen* we ş.m.

15. **Ň** harpy sözüň diňe başynda gelip bilmeýär, sözüň ortasynda we ahyrynda ýazylýar. M e s e l e m: *eňek, ýaňy, teňňe, iňňe, öň, soň, müň* we ş.m.

16. **O-o** harpy uzyn **o**: (*bo:rç, go:za, do:dak*) we gysga **o** (*oglan, orak, dogan*) sesleri üçin ulanylýar. Ol türkmen dilinde sada sözleriň diňe birinji bognunda ýazylýar. M e s e l e m: *ol, şol, towuk, şor, horluk* we ş.m.

Käbir sözler gepleşikde *dolok, oglon, owol, owsor* ýaly aýdylsa-da, olar *dolak, oglan, owal, owsar* kimin ýazylýar.

B e l l i k: **o** harpy goşma sözlerde, halkara sözlerinde, familiýa ýasaýjy - *ow, -owa, -owna, -owiç* we sypat ýasaýjy *–sow, -sowult, -hor, -hon* goşulmalarynda sözleriň soňky bogunlarynda hem gelip bilýär.

M e s e l e m: *wodorod, kislorod, Gelenow, Meredowa, Atajanowiç, damaksow, aksowult, süýthor, kitaphon, serhowuz, Annaoraz* we ş.m.

17. **Ö-ö** harpy uzyn **ö**: (*bö:lüm, gö:k, dö:rt, dö:ş, kö:z*) we gysga **ö** (*böwet, göz, göle, göreş, köýnek*) seslerine derek ulanylýar. Ol sada sözleriň diňe birinji bognunda ýazylýar. Soňky bogunlarda **ö** ýaly eşidilýän sese derek hem **e** harpy ýazylýar.

M e s e l e m: gepleşikde aýdylýan *börök, jöwön, gözönök* ýaly sözler *börek, jöwen, gözenek* ýaly ýazylýar. Goşma sözlerde **ö** harpy soňky bogunlarda-da gelip bilýär.

M e s e l e m: *mekgejöwen, inedördül, Ýolöten* we ş.m.

18. **P, R, S, T** harplary sözüň hemme ýerinde gelip bilýär.

M e s e l e m: *pagta, gapy, gulp; radio, gara, gar; sylag, isleg, dürs; tabak, ata, surat, polat, sypat* we ş.m.

19. **U-u** harpy dilde uzyn **u**: (*u:k, su:rat, du:şmak*) we gysga **u** (*ulag, uruş, ussa*) seslerine derek ulanylýar.

20. **Ü-ü** harpy uzyn **ü**: (*çü:ýşe, sü:ýt, ü:ýşmek, gü:ýç, çü:ý, sü:ýşmek, tü:ýdük*) we gysga **ü** (*ülke, sübse, üçem*) seslerine derek ulanylýar.

21. **W-w** harpy tegelek yşgalaňly, dodagara **w** sesine (*watan, gawun, aw, wekil, döwür, düwme, suw*), halkara sözlerinde (*wals, awtor*) we familiýa ýasaýjy goşulmalarda (*Ataýew, Meredowa*) ýasy yşgalaňly dodak-diş **v** sesine derek ulanylýar.

22. **Y-y** harpy uzyn aýdylýan **y**: (*y:s, gy:bat, gy:z*) we gysga aýdylýan **y** (*ygal, ylym, yssy, yşyk, şygyr, sygyr*) seslerine derek ulanylýar.

23. **Ý-ý** harpy sözüň hemme ýerinde ýazylýar.

M e s e l e m: *ýüz, ýigit, baýrak, çaýyr, taý, çüý, aý* we ş.m.

B e l l i k: Käbir alynma sözlerdäki **е, ё, ю, я** harplary türkmen diliniň elipbiýindäki **ýe, ýo, ýu, ýa** harplary bilen ýazylýar: *Ереван – Ýerewan, евро – ýewro, ёлка – ýolka, берёза – berýoza, юмор – ýumor, валюта – walýuta, ядро – ýadro, акция – aksiýa* we ş.m.

24. **Z-z** harpy sözüň hemme ýerinde ýazylýar.

Meselem: *az, zor, zehinli, zähmet, zergär, zaman, gaz, gezmek* we ş.m.

Türkmen diliniň täze elipbiýini kabul etmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 12-nji aprelinde kabul eden we Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanan Karary esasynda dilimizde bolmadyk, diňe halkara sözlerinde duş gelýän **ц, щ, ъ, ь** harplary elipbiýe girizilmedi. Şoňa görä, halkara: *цирк, концерт, абзац, кварц* ýaly sözlerdäki **ц** harpyna derek **S-s** harpy, *щетка, плащ* ýaly sözlerdäki **щ** harpyna derek hem **Ş-ş** harpy ýazuwda ulanylýar. Türkmen dilinde we alynma sözlerde iki çekimliniň arasynda gelen kirillisa elipbiýindäki **щ** harpyna derek türkmen elipbiýiniň **ş** harpy goşalandyrylyp, *Paşşy*, *Myşşy*, *ýaşşik* ýaly ýazylmaly. *Объект, субъект* ýaly sözlerde gelýän **ъ** aýyrma belgisi hem-de *компьютер, медаль, отель* kimin sözlerde duşýan **ь** ýumşaklyk belgisi türkmen diliniň ýazuwynda ulanylmaýar.

## II. Düýp sözleriň ýazuw düzgüni

1. Ilki bogny açyk we çekimlileri gysga aýdylýan, soňy **z, l, n, r, s, ş** seslerine gutarýan iki bogunly düýp sözleriň soňuna çekimli ses bilen başlanýan goşulmalar goşulanda, ikinji bogundaky gysga aýdylýan dar çekimliler özlerinden öň **d, z** seslerinden başga açyk çekimsiz ses gelende, düşürilip ýazylmalydyr.

M e s e l e m: *agyz–agzy, ogul–ogly, bogun–bogny, görün–görner, bagyr–bagry, towus–towsar, uruş–urşar, köwüş–köwşi, döwür–döwri* we ş.m.

B e l l i k: **asyl, pasyl, nesil, ylym** ýaly sözler bu kadadan çykarylyp, *asly, pasly*, *nesli, ylmy* ýaly ýazylýar.

2. **Aňry, bäri, ýokary, ileri** ýaly tarap görkezýän sözlere **d, k, l, r, s** sesleri bilen başlanýan goşulmalar goşulanda, olaryň soňundaky dar çekimliler düşürilip ýazylmaly.

M e s e l e m: *ýokarky, ilerki, bärde, ilerlemek, ýokarsy, ýokarrak, aňyrsy* we ş.m.

B e l l i k: **aňry** sözüniň soňuna ýokarky sesler bilen başlanýan goşulma goşulanda, **r** we **y** sesleri öz orunlaryny çalyşýarlar.

M e s e l e m: *aňry – aňyrda, aňyrky, aňyrsy, aňyrrak*.

3. **Sary, küti, süýri, turşy** ýaly soňy dar çekimli sese gutaran sözlere giň çekimli bilen başlanýan goşulma goşulanda, söz soňundaky dar çekimli düşürilip ýazylýar.

M e s e l e m: *saralmak, kütelmek, turşamak, süýrelmek* we ş.m.

**Guzy, uky, dury** ýaly sözlere işlik ýasaýjy **-la/-le** goşulmasy goşulanda, söz soňundaky dar çekimli **y, i** düşürilip ýazylýar.

M e s e l e m: *guzy – guzlamak, uky – uklamak, dury – durlamak.*

4. **-ýyş/-ýiş** goşulyp ýasalan sözleriň soňuna çekimli ses bilen başlanýan goşulmalar goşulanda, **-ýyş/-ýiş** goşulmasynyň **y, i** sesleri düşürilip ýazylýar.

M e s e l e m: *ýaşaýyş–ýaşaýşy, sözleýiş–sözleýşi, garaýyş–garaýşy* we ş.m.

5. **K** sesine gutarýan köp bogunly sözleriň soňuna **-jyk/-jik, -jak/-jek** goşulmalary goşulanda, söz soňundaky **k** sesi düşürilip ýazylýar.

M e s e l e m: *taýak–taýajyk, ketek–ketejik, keýik–keýijek, gaýyk–gaýyjak, gulak–gulajyk, orak–orajyk, beýik–beýijek*.

6. Düýp sözüň ortasynda eşidilýän we her biri aýry bogna degişli bolan ýanaşyk gelen iki dymyk sesiň soňkusyny açyga öwrüp ýazmaly.

M e s e l e m: *tapbat, hatda, depder, keçje, çakgy, çakgan, işdä, mekdep, serişde* we ş.m.

B e l l i k: *madda, maddy, mukaddes, mukaddeslik* sözleri bu kada degişli däldir.

7. Söz ortasynda ýanaşyk gelýän **st, mb, ňg** sesleriniň düýp sözlerde assimilleşdirilen görnüşini **ss, mm, ňň** ýazmaly.

M e s e l e m: *hassa, ussa, tümmek, lemmer, gaňňa, işeňňir, ýassyk, tussag, iňňe* ýaly sözler hem bu kada girizilýär.

At hyzmatynda gelýän *gyzzyrma, össürim, bassyrma* ýaly sözleriň-de assimilleşdirilen görnüşi ýazylmaly.

Bular işlik bolup gelende assimilleşdirilmän, *gyzdyrmak, ösdürmek, basdyrmak* ýaly ýazylýar.

8. Asyl sözleriň ortasynda ýanaşyk gelýän **ld, nd** sesleriniň assimilleşdirilmedik görnüşi ýazylýar.

M e s e l e m: *ballak* däl-de, *baldak; ballyz* däl-de, *baldyz; sallamly* däl-de, *saldamly; künnük* däl-de, *kündük; sannyk* däl-de, *sandyk; ýannak* däl-de, *ýandak; ennam* däl-de, *endam* we ş.m.

9. Düýp sözleriň soňunda belli bir topardan bolan çekimsiz sesleriň ýanaşyk gelmek häsiýeti bar. Şol çekimsiz sesleriň arasynda ysgynsyz dar çekimli ses eşidilýän ýaly bolsa-da, olar ýazylmaýarlar.

M e s e l e m: ***wp***–*howp;* ***wç***–*möwç;* ***gt***–*bagt, tagt, wagt;* ***ýp***–*haýp, keýp;* ***ýt***–*aýt, gaýt, süýt;* ***lk***–*halk, mülk, silk;* ***lp***–*gulp, zülp;* ***lt***–*milt, çalt, elt, ýalt–ýult;* ***np***–*synp;* ***ns***–*jyns, üns;* ***nç***–*gazanç, begenç, guwanç;* ***ňk***–*süňk, aňk, taňk, reňk;* ***rz***–*arz, karz;* ***rk***–*berk, şark, gerk, erk;* ***rp***–*harp, sarp, zarp, gurp;* ***rs***–*ders, sars, bars;* ***rt***–*ýyrt, dört, murt, mert;* ***rh***–*çarh, parh, nyrh;* ***rç***–*harç, burç, berç, sarç;* ***st***–*ast, kast, üst;* ***ht***–*äht, jäht, şäht;* ***şk***–*köşk, yşk;* ***şp***–*keşp;* ***şt***–*küşt, keşt*.

10. Ilki bogny çekimsiz sese gutaryp, ikinji bogny **r** sesi bilen başlanýan iki bogunly sözlerde **r** sesiniň öň ýanynda ysgynsyz dar çekimli eşidilse-de, ol ýazylmaýar.

M e s e l e m: *topurak* däl-de, *toprak; gudurat* däl-de, *gudrat; titiremek* däl-de, *titremek; eşiret* däl-de, *eşret; ýaňyramak* däl-de, *ýaňramak; samyramak* däl-de, *samramak; tiziräk* däl-de *tizräk*.

Ses we şekil bildirýän sözlere **-la/-le** goşulanda, goşulma bilen ol sözleriň arasynda çala eşidilýän dar çekimliler ýazylmaýarlar.

M e s e l e m: *patylamak* däl-de, *patlamak*; *hykylamak* däl-de, *hyklamak*; *haşylamak* däl-de, *haşlamak*; *iňilemek* däl-de, *iňlemek*.

11. Ilki bognunda dodak çekimlilerinden (**o, ö, u, ü**) biri gelen köp bogunly sözleriň ikinji bognundaky gysga aýdylýan dar çekimliler dodaklandyrylyp ýazylýar.

M e s e l e m: *ogul, çoluk, uçgun, ýumuş, öküz, ýorunja, üzüm, kömür, düzüm, sözlük, ogluňyz, gördük, durduňyz, özüm* we ş.m.

B e l l i k: Söz soňunda gelýän dar çekimliler dodaklandyrylman ýazylýar.

M e s e l e m: *ulu* däl-de, *uly*; *börü* däl-de, *böri*; *çürü* däl-de, *çüri*; *awu* däl-de *awy* we ş.m.

12. Düýp sözleriň ýapyk bogunlaryndaky **w** sesinden öň we soň gelýän gysga aýdylýan dar çekimliler dodaklandyrylyp ýazylýar.

M e s e l e m: *gawun, mawut, awunmak, hyjuw, ýazuw, awuly, şarlawuk, jürlewük, bitewülik.*

Eger-de ikinji bogundaky dar çekimliler uzyn aýdylýan bolsa, olar dodaklandyrylman ýazylýar.

M e s e l e m: *ýogyn, uzyn, müdir, sürini, guzynyň, üçin*.

13. Goşma sözlerde duş gelýän dodak çekimlileri, dodak çekimlileriniň ýazuw kadasy esasynda, sözüň üçünji we dördünji bogunlarynda hem ýazylýar.

M e s e l e m: *Oguldursun, Daşoguz, üçburçluk, ikatýok, mekgejöwen* we ş.m.

14. Ikinji bognunda **u, ü** sesleri bolan sözlere familiýa ýasaýjy goşulmalar goşulanda, **u, ü** sesleri uzyn aýdylsa-da, olara derek **y, i** harplary ýazylman, **u, ü** harplary ýazylmaly.

M e s e l e m: *Burun – Burunow, Torum – Torumow, Mürrük – Mürrükow.*

15. Soňy zarply dymyk **k, p, t, ç** sesleri bilen gutarýan bir bogunly uzyn çekimlili we birden köp bogunly sözleriň soňuna çekimli ses ýa-da **r** sesi bilen başlanýan goşulmalar goşulanda, söz soňundaky dymyk sesleri degişli açyk **g, b, d, j** seslerine öwrüp ýazmaly.

M e s e l e m: *Meret–Meredi, at–ady, Sadap–Sadaby, tut–tuduň, ot–ody, agaç–agajy, güýç–güýji, sap–sabrak, ak–agrak, giç–gijräk, belet–beledräk, gülüp–gülübräk* we ş.m.

B e l l i k: Bu kadadan çykarylyp, *minnet, gudrat, wesýet, pursat, hasrat, zähmet, gazet, tanap, tarap, ganat, edebiýat, hökümet* ýaly sözleriň soňky **p, t** sesleri açyga öwrülmän ýazylmaly.

M e s e l e m: *tanap–tanapy, tarap–tarapy, ganat–ganaty, edebiýat–edebiýaty, minnet–minneti, zähmet–zähmetiň, hökümet–hökümeti* we ş.m.

16. Soňy zarply dymyk **k, t** seslerine gutarýan bir bogunly uzyn çekimlili we köp bogunly sözlere **ý, r** harplary bilen başlanýan goşulmalar goşulanda, ol sözleriň soňundaky dymyk sesleri açyk **g, d** seslerine öwrüp ýazmaly.

M e s e l e m: *ýat–ýadrak, it–idýär, işlet–işledýär, okat–okadýar, howluk–howlugýar, gijik–gijigýär, belet–beledräk ýazmaly.*

17. Soňy **k, p, t, ç** seslerine gutarýan sözler çekimli ses bilen başlanýan sözler bilen goşulyp ýazylanda-da, soňky dymyk seslerini degişli açyk seslere öwrüp ýazmaly.

M e s e l e m: *basypalyjy* däl, *basybalyjy; Akoraz däl, Agoraz; Meretaly* däl, *Meredaly; agaçet* däl, *agajet; nalaçedeýin* däl, *nalajedeýin* we ş.m.

18. Soňy **k** sesine gutarýan atlara familiýa ýasaýjy **-ow, -owa, -owna, -owiç** goşulmalary goşulanda, **k** sesi **g** sesine öwrülmän ýazylýar.

M e s e l e m: *Sadyk–Sadykow–Sadykowna, Kömek–Kömekow–Kömekowiç* we ş.m.

19. Türkmen diliniň sözlük düzümine rus diliniň üsti bilen geçen, soňy **p, t, ç** seslerine gutaran sözleriň yzyna çekimli ses bilen başlanýan goşulma goşulanda, olar açyk sese öwrülmän ýazylmaly.

M e s e l e m: *institut–instituty, teleskop–teleskopyň, Aleksandr Petrowiç–Aleksandr Petrowiçe* we ş.m.

Soňy **k** sesi bilen gutarýan halkara sözleriniň yzyna çekimli ses bilen başlanýan goşulmalar goşulanda, söz soňundaky dymyk **k** sesi, köplenç, açyga öwrülýär.

M e s e l e m: *tehnik–tehnigi, akademik–akademigi, tok–togy* we ş.m.

20. Bir bogunly çekimlisi gysga aýdylýan sözleriň soňuna çekimli sese we **r, ý** seslerine başlanýan goşulmalar goşulanda, olaryň soňundaky dymyk çekimsizler açyga öwrülmän ýazylmaly.

M e s e l e m: *ek–eker, ekýär; aç–açar, açýar; at–atar, atýar; tap–tapar, tapýar; çet–çeträk* we ş.m.

B e l l i k: *et-, git-, aýt-, gaýt-, ýenç-, sanç-, harç, pent, bent, gant, yşk, köşk* ýaly az-owlak sözler bu kadadan çykýar.

21. Kä dodaklandyrylyp, käte dodaklandyrylman, iki hili geplenýän sözleriň dodaklandyrylyp ulanylýan görnüşi ýazylmaly.

M e s e l e m: *hinji* däl, *hünji; mykdar* däl, *mukdar; Misir* däl, *Müsür; minmek* däl, *münmek* we ş.m.

B e l l i k: 1) *Mydam, ýilik, Hindistan* ýaly sözler dodaklandyrylman ýazylýarlar.

2) *Çirtmek, çürtmek, bitin, bütin* ýaly sözleriň her biri aýry-aýry many aňlatmagyna görä, olaryň iki hili görnüşi hem ulanylmalydyr.

M e s e l e m: ***bütin*** sözi *hemme*, *ähli* sözüniň manysynda ulanylyp, ***bitin*** sözi abat manysynda ulanylýar.

22. Söz ortasynda ýanaşyk gelýän **lň-ňl, lg-gl, pr-rp** sesleriniň çalşyrylyp ulanylyşy duş gelýär. Ýazuwda bularyň ilki görnüşi alynýar.

M e s e l e m: *ýaňlyş* däl, *ýalňyş; yglamak* däl, *ylgamak, torpak* däl, *toprak.*

23. Sözüň başynda kä açyk, kä dymyk aýdylýan çekimsiz sesleriň ýazuwda açyk görnüşini almaly.

M e s e l e m: *tykyz* däl, *dykyz; tört* däl, *dört; kep* däl, *gep* we ş.m.

B e l l i k: *tänmek, dänmek, tikmek, dikmek, kyrk, gyrk, pozmak, bozmak* ýaly sözleriň her biriniň aýry many aňladýandygyna görä, olaryň iki hili görnüşi-de ýazylýar.

M e s e l e m: **kyrk** sözi belli mukdary (*kyrk adam*), **gyrk** sözi *gyrkmak* işligini (*gaýçy bilen bir zady kesmegi*) aňladýar.

24. Käbir düýp sözlerde çalşyrylyp ulanylýan **g, w** sesleriniň ýazuwda soňkusyny almaly.

M e s e l e m: *ýügürmek* däl, *ýüwürmek; dügme* däl, *düwme; ögürmek* däl, *öwürmek; dügün* däl, *düwün* we ş.m.

B e l l i k: *Ugur, ýugur, jögi* ýaly sözler bu kada girmeýärler.

25. Kä inçe, kä ýogyn çekimliler bilen iki hili aýdylýan sözleriň düzüminde inçe çekimlili görnüşi ýazylýar.

M e s e l e m: *adym* däl, *ädim*; *tyz* däl, *tiz*; *sym* däl, *sim*; *alam* däl, *älem* we ş.m.

B e l l i k: *Watan, dyz, janawar, ys, yz* sözleri bu kada girmeýär.

26. Soňy **ç** sesine gutarýan sözlere **d, j, l, s, ç** sesleri bilen başlanýan goşulmalar goşulanda, **ç** sesi **ş** sesine öwrülip geplense-de, ony ýazuwda öwürmän ýazmaly.

M e s e l e m: *aşdy* däl, *açdy*; *geşjek* däl, *geçjek*; *uşjak* däl, *uçjak*; *saşly* däl *saçly*; *güýşli* däl, *güýçli*; *işsem* däl, *içsem*; *agaşçy* däl, *agaççy*.

27. Ýazuwda **hem** sözüniň goşulma öwrülip ulanylyşyna-da ýol berilýär.

M e s e l e m: *Sen hem oka. Senem oka. Men hem alaýyn. Menem alaýyn*.

Soňky çekimlisi iki hili aýdylýan düýp işlikleriň giň çekimli bilen aýdylýan görnüşi ýazylýar.

M e s e l e m: *dagymak* däl, *dagamak*; *dokymak* däl, *dokamak*; *gatymak* däl, *gatamak*.

### III. Goşma sözleriň ýazuw düzgüni

1. Goşma has atlaryň hemmesi bile ýazylýar.

M e s e l e m: *Amangül, Geldimyrat, Annaoraz, Körmolla, Amyderýa, Köpetdag, Syrderýa* we ş.m.

B e l l i k: 1) Eger-de bile ulanylýan has atlaryň yzyndan üçünji ýöňkemäniň goşulmasy getirilýän bolsa, onda olary aýry ýazmaly.

M e s e l e m: *Murgap derýasy, Garagum derýasy*, *Hasar dagy.*

2) Goşulyp ýazylýan has atlaryň ortasynda ýanaşyk gelýän iki çekimliniň gepleşikde biri düşürilip geplense-de, ýazuwda olaryň ikisini hem ýazmaly.

M e s e l e m: *Annoraz* däl, *Annaoraz; Almata* däl, *Almaata; Könürgenç* däl, *Köneürgenç*.

2. Basym taýyndan birleşen, fonetik özgerişe sezewar bolan we täze many aňladýan goşma sözleri bile ýazmaly.

M e s e l e m: *ýekegapan, toklutaý, ikatýok, gözdaňdy, atagzy, günebakar, bedenterbiýe, gözbagçy, unaş, aýakgap, porsuderman, içigara, agzala, basybalyjy, bäşýyllyk, myhmansöýer, birentek, birneme, birsyhly, gözýetim, saryýagyz, halkara.*

B e l l i k: Goşma sözleriň galdyrylyp geplenýän çekimli seslerini düşürip ýazmaly.

M e s e l e m: *ikiatýok* däl, *ikatýok*; *gelineje* däl, *gelneje*; *altyatar* däl, *altatar* we ş.m.

3. *Durubermek, guýubermek, görübermek, alybermek, gidibermek, görübilmek, okabilmek* ýaly goşma işlikler bile ýazylmaly.

4. Goşma sözlerde *kädi, don, ýol, darak, torba* ýaly sözleriň öňünden ony aýyklap gelýän sözler aýry ýazylýar.

M e s e l e m: *demir ýol, otly ýol, araba ýol; suw kädi, palaw kädi; ýüpek don, gyrmyzy don; ýüň darak, dokma darak, baş darak; duz torba, at torba* we ş.m.

5. Goşma sanlar aýry ýazylmaly.

M e s e l e m: *on bir, on bäş, on dokuz, iki ýüz ýigrimi bäş*.

6. Aýry ýazylýan sanlardan düzülýän goşma sözler aýry ýazylmaly.

M e s e l e m: *ýigrimi bäş manatlyk, on üçler.*

7. Sypatlaryň öňünden gelip, artyklyk derejesini ýasaýan **m, p, s** seslerine gutaran bölekler bilen sypatlaryň aralaryna defis goýlup ýazylýar.

M e s e l e m: *göm-gök, gas-gaty, dos-dogry, ap-ak, çym-gyzyl, gap-gara* we ş.m.

8. Tirkeş sözler defis bilen ýazylmaly.

M e s e l e m: *köne-söne, oglan-uşak, gara-gura, aňry-bäri, düzüm-düzüm.*

*Iru-giç, azu-köp, gyzu-juwan, keýpi-sapa, ahy-zar* ýaly tirkeş sözlerde baglaýjy goşulmalar **u, y, i** sözüň ilkisine goşulyp, onuň yzyndan defis goýlup ýazylýar.

9. Iki gezek gaýtalanyp gelýän sözüň aralygyndan **-a/-e, -ba/-be, -da/-de, -ma/-me, -ha/-hä** ýaly goşulmalar sözüň ilkisine goşulyp, onuň yzyndan defis goýlup ýazylmaly.

M e s e l e m: *basa-bas, göçe-göç, ýylba-ýyl, günbe-gün, obama-oba, öýme-öý, githä-git, alha-al, sürhä-sür, tizden-tiz* we ş.m.

10. **Jan, aga, eje, baý, beg, han** ýaly sözler has adyň bölegi bolup gelmedik ýagdaýynda, özünden öň gelýän söze goşulman ýazmaly.

M e s e l e m: *Berdi aga, Myrat jan, Bibi eje* we ş.m.

### IV. Rus dilinden türkmen diliniň sözlük düzümine giren sözleriň ýazuw düzgünleri

1. Düýp sözler rus dilinde ýazylyşy ýaly ýazylmaly.

M e s e l e m: *žurnal, bilet, deputat, kooperatiw, sosializm, kombaýn, fewral*.

B e l l i k: Aşakdaky ýaly sözler bu kadadan çykýar.

M e s e l e m: *çäýnek, äpişge, penjek, fabrik, çemedan, kemput, köpük, maşyn, gazet, sekunt, tans, minut, bedre, kürüşge, turba* (bular ýaly sözler orfografik sözlükde doly berilýär).

M e s e l e m: *awtoinspeksiýa, radiostansiýa, elektroenergiýa* we ş. m.

2. Rus diliniň üsti bilen türkmen diline geçen sözlerde duş gelýän **дж** türkmen dilindäki **j** harpy bilen berilmeli.

M e s e l e m: *бюджет – býujet, джаз – jaz, колледж – kollej* we ş.m.

3. Iki sany meňzeş çekimsiz ses bilen gutarýan sözleriň soňundaky çekimsizleriň biri düşürilip ýazylýar.

M e s e l e m: *metall* däl, *metal; kilogramm* däl, *kilogram; progress* däl, *progres* we ş.m.

B e l l i k: Has atlar bu kadadan çykýar.

M e s e l e m: *Tomas Mann, akademik Marr, ýazyjy Kirill* we ş.m.

4. Rus dilindäki sypatlar türkmen diline geçirilende, olaryň sypatlyk goşulmalary **-ный/ -ная/ -ное** öz öňündäki ýumşaklyk belgisi bilen bile taşlanýar.

M e s e l e m: *актуальный вопрос – aktual mesele, относительное прилагательное – otnositel sypat* we ş.m.

5. Rus dilindäki otnositel sypat ýasaýjy **-ческий, -чный** ýaly goşulmalar taşlanyp, türkmen dilinde **-k** harpynyň getirilmegi bilen otnositel sypat ýasalýar.

M e s e l e m: *pedagogiçeskiý – pedagogik; antiçnyý – antik.*

Eger-de şeýle sözler hünär bilen baglanyşykly at bolup gelseler, onda **k** sesiniň soňundan **i** sesi hem getirilýär.

M e s e l e m: *matematik* (at) – *matematiki* (sypat); *himik* (at) – *himiki* (sypat) *fiziki* (at) – *fiziki* (sypat) we ş.m.

B e l l i k: Käbir ýagdaýlarda **-ский** goşulmasynyň ýerine **-ik** goşulmasynyň getirilmegi bilen otnositel sypat ýasalýar.

M e s e l e m: *filosofskiý – filosofik, klassiçeskiý – klassik.*

a) Rus dilinde **-ческий, -ский** (-ая/-ое) we **-ион** goşulmalary bilen ýasalan sypatlaryň şol goşulmalary taşlanyp, düýp söz görnüşinde atlaryň öňünden getirilişine we otnositel sypat hyzmatynda ulanylyşyna ýazuwda ýol berilýär.

M e s e l e m: *ботанический сад – botanika bagy, физический кабинет – fizika otagy, химическая лаборатория – himiýa barlaghanasy, авиационная школа – awiasiýa mekdebi, конституционный вопрос – konstitusiýa meselesi, операционный кабинет – operasiýa otagy, инновационная технология – innowasiýa tehnologiýasy.*

b) Rus dilinde düýp sözleriň soňuna **-ческий (-ая/-ое)** goşulyp ýasalan otnositel sypatlaryň türkmen dilinde **-ik** goşulmasy bilen aňladylyşy bar.

M e s e l e m: *автоматический – awtomatik, астрономический – astronomik, демократический – demokratik, педагогический – pedagogik* we ş.m.

ç) Rus dilinde soňy **“-лог”, “ист”, “граф”** goşulmalary bilen ýasalan atlara **-ческий (-ая/-ое)** goşulyp ýasalan sypatlaryň türkmen dilinde **-ik** goşulmasy bilen aňladylyşy bar.

M e s e l e m: *археологический – arheolog* (at), *arheologik* (syp.); *геологический – geolog* (at), *geologik* (syp.); *технологический – tehnolog* (at), *tehnologik* (syp.); *географический – geograf* (at), *geografik* (syp.); *картографический – kartograf* (at), *kartografik* (syp); *грамматический – grammatist* (at), *grammatik* (syp.) we ş.m.

d) Asyl ýa düýp sözüň yzyna **-ский (-ая/-ое)** affiksi goşulyp ýasalan otnositel sypatlaryň türkmen dilinde goşulmasyz, düýp söz görnüşinde ulanylyşy bar. Türkmen dilinde iki at söz ýanaşyk gelende, onuň birinjisi yzky sözi aýyklap, otnositel sypat aňladýar.

M e s e l e m: *городская жизнь – şäher durmuşy, Ашхабадский театр – Aşgabat teatry, туркменский ковер – türkmen halysy, узбекский народ – özbek halky* we ş.m.

6. **Baku, Tartu** ýaly sözlere goşulma goşulanda, düýp söz bilen goşulmanyň arasynda **w** harpy ýazylýar.

M e s e l e m: *Baku, Bakuwyň, Bakuwa, Bakuwy, Bakuwda, Bakuwdan, bakuwly, Tartuwda, Tartuwdan*.

7. *Закавказье, Приморье, Запорожье* ýaly sözlere goşulma goşulanda, olardaky ýumşaklyk belgisi **ь** düşürilýär. Ol sözleriň soňundaky **e** harpy **ýe** kimin ýazylýar we bu hili sözler aşakdaky ýaly üýtgedilýär.

M e s e l e m: *Primorýä, Primorýäniň, Primorýäni, Primorýede, Primorýeden* we ş.m.

8. Soňy **-sk** bilen gutarýan sözleriň yzyna inçe çekimlili goşulma goşulýar we sazlaşyk üçin düýp söz bilen goşulmanyň arasynda **i** sesi ýazylýar.

M e s e l e m: *Nowosibirsk–Nowosibirskiniň, Nowosibirskini, Nowosibirskide, Nowosibirskiden* we ş.m.

9. Abbreweaturalar aralaryna nokat goýulman, baş harplar bilen ýazylýar.

M e s e l e m: BMG, TDU, ABŞ we ş.m.

Şu hili sözlere goşulma goşulanda, gysgaldylan sözüň düzüminde çekimli ses bolsa, çekimlä, eger çekimli ses bolmasa, soňky çekimsiziň adynyň aýdylyşyna eýermeli.

M e s e l e m: TYA-nyň, TDMI-niň, BMG-niň.

## V. Goşulmalaryň ýazuw düzgüni

1. Goşulmalar özleriniň degişli sözlerine goşulyp ýazylýarlar.

